TÜRKMENISTANYŇ MALIÝE WE YKDYSADYÝET MINISTRLIGINIŇ SALGYT MÜDIRIÝETI

✉ 744028, Aşgabat ş., Arçabil şaýoly, 156j
☎ Tel.:39-43-78, Faks: 98-21-85
E-mail info@tax.gov.tm

MINISTRY OF FINANCE AND ECONOMY OF TURKMENISTAN TAX ADMINISTRATION

✉ 744028,156. Archabil avenue., Ashgabat c.,
☎ Phone: 39-43-78, Fax: 98-21-85
E-mail info@tax.gov.tm

«20» 12 2019 ý. № 5215/1

**Welaýatlar we Aşgabat şäher salgyt bölümlerine**

«Telekeçilik işi hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, şeýle hem ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslary - hususy telekeçileri döwlet tarapyndan bellige almagyň tertibini kämilleşdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti 2019-njy ýylyň 18-nji dekabrynda 1540 belgili «Ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslary – hususy telekeçileri döwlet tarapyndan bellige almagyň Tertibini tassyklamak hakynda» karar kabul etdi.

Şol karar bilen, ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslary - hususy telekeçileri döwlet tarapyndan bellige almagyň Tertibi tassyklanyldy (goşulýar).

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine Türkmenistanyň Adalat ministrligi bilen bilelikde şol karardan gelip çykýan üýtgetmeleri we goşmaçalary Türkmenistanyň kanunçylygyna girizmek baradaky teklipleri bir aý möhletde taýýarlamaklyk hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine bermeklik tabşyryldy.

«Ýuridik tarapy döretmedik telekeçilere salgyt salmagy ýönekeýleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 1996-njy ýylyň 31-nji oktýabrynda çykaran 2848-nji kararyny (Türkmenistanyň Prezidentiniň aktlarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň kararlarynyň 1996-njy ýyldaky 10-njy ýygyndysynyň 5261-nji maddasy) güýjüni ýitiren diýip ykrar edildi.

Ýokarda görkezilenleri maglumat we işde ulanmak üçin garamagyňyzdaky salgyt bölümleriniň dykgatyna ýetiriň.

Goşundy: elektron görnüşinde.

**Başlygyň wezipesini ýerine ýetiriji** **M.Allaberdiýew**

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARY

RESOLUTION OF THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN

« I8 » dekabr 2019 ý. № I540 Aşgabat ş.

**Ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslary - hususy telekeçileri döwlet tarapyndan bellige almagyň Tertibini tassyklamak hakynda**

«Telekeçilik işi hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, şeýle hem ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslary - hususy telekeçileri döwlet tarapyndan bellige almagyň tertibini kämilleşdirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslary - hususy telekeçileri döwlet tarapyndan bellige almagyň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi Türkmenistanyň Adalat ministrligi bilen bilelikde şu karardan gelip çykýan üýtgetmeleri we goşmaçalary Türkmenistanyň kanunçylygyna girizmek baradaky teklipleri bir aý möhletde taýýarlamaly hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine bermeli.

«Ýuridik tarapy döretmedik telekeçilere salgyt salmagy ýönekeýleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 1996-njy ýylyň 31-nji oktýabrynda çykaran 2848-nji kararyny (Türkmenistanyň Prezidentiniň aktlarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň kararlarynyň 1996-njy ýyldaky 10-njy ýygyndysynyň 5261-nji maddasy) güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli.

4. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarlary G.Myradow, Ç.Gylyjow, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri hem-de Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy gözegçilik etmeli.

| | | |
|---|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ DIWANY * Protokol bölümçesi | **Gurbanguly Berdimuhamedow** |

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2019-njy ýylyň 18-nji dekabrynda
çykaran 1540-nji karary bilen
tassyklandy

**Ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslary-hususy telekeçileri döwlet tarapyndan bellige almagyň**
**TERTIBI**

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Tertip Türkmenistanyň Raýat kodeksine, «Telekeçilik işi hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy hem-de Türkmenistanyň çäklerinde ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslary – hususy telekeçileri (mundan beýläk - hususy telekeçi) döwlet tarapyndan bellige almagyň (mundan beýläk - bellige almak) tertibini belleýär.

2. Telekeçilik işini (hususy ýagdaýda bolsa-da, şereketiň düzüminde bolsa-da) amala aşyrmaga isleg bildirýän hem-de Türkmenistanyň Raýat kodeksine laýyklykda ýuridik şahsy döretmeýän hususy telekeçi hökmünde ykrar edilýän fiziki şahslar bellige alynmaga degişlidir.

Şu görkezilenler Türkmenistanyň çäklerinde telekeçilik işini amala aşyrmagy isleg bildirýän Türkmenistanyň raýatlaryna, daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy bolmadyk adamlara hem degişlidir.

3. Kämillik ukyby bolan, ýagny 18 ýaşa ýeten ýa-da şu ýaşdan öň nikalaşan fiziki şahslar, eger-de olaryň amala aşyrýan işiniň görnüşinde ýaş çäklendirmesi ýok bolsa, telekeçilik işi bilen meşgullanyp bilerler.

4. Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan bellenen tertipde berlen Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamasy bolan daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlaryň hususy telekeçi hökmünde bellige alynmaga we ýaşaýan

ýerinde kanunçylykda bellenen tertipde telekeçilik işi bilen meşgullanmaga hukugy bardyr.

Türkmenistana wagtlaýyn gelýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar hususy telekeçi hökmünde bellige alnyp bilinmez.

5. Döwlet häkimiýet edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň wezipeli adamlary, döwlet gullukçylary, harby gullukçylar hem-de telekeçilik işi bilen meşgullanmaga kanunçylyk bilen çäklendirme bellenen beýleki şahslar hususy telekeçi hökmünde döwlet tarapyndan bellige alynmaýar.

Şu görkezilenler kazyýetiň çözgüdi boýunça batan diýlip yglan edilen we telekeçilik işi bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edilen fiziki şahslara hem degişlidir. Şeýle fiziki şahslary hususy telekeçiler hökmünde bellige almaklyk diňe kazyýet tarapyndan bellenilen möhlet geçeninden soň amala aşyrylyp bilner.

Kazyýet tarapyndan fiziki şahsa belli bir möhletiň dowamynda telekeçilik işi bilen meşgullanmagy gadagan etmek baradaky çözgüt çykarylanda, şeýle çözgüdiň göçürme nusgasy salgyt edarasyna iberilmelidir.

## II bap. Bellige almagy amala aşyrýan salgyt edaralary

6. Hususy telekeçi hökmünde telekeçilik işi bilen meşgullanmaga isleg bildirýän Türkmenistanyň raýatlary bolup durýan fiziki şahslar Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Salgyt müdiriýetiniň etraplar, şäherler, şäherdäki etraplar boýunça salgyt bölümleri (mundan beýläk – salgyt edaralary) tarapyndan degişlilikde olaryň Türkmenistanyň çäklerinde ýaşaýan ýerleri boýunça, daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar bolsa, ygtyýarly edilen edaralar tarapyndan bellenen tertipde hasaba alnan ýeri boýunça bellige alynýar.

Hususy telekeçi hökmünde telekeçilik işi bilen meşgullanmaga isleg bildiren fiziki şahslary bellige almak boýunça şu Tertip bilen bellenen talaplaryň berjaý edilşi, şeýle hem öz wagtynda bellige alynmagy üçin jogapkärçilik gönüden-göni şeýle bellige almagy

amala aşyrýan salgyt edarasynyň ýolbaşçysynyň we bellige almagy resmileşdirýän degişli işgäriň üstüne ýüklenýär.

## III bap. Bellige almak üçin berilýän resminamalar

7. Hususy telekeçi hökmünde telekeçilik işi bilen meşgullanmaga isleg bildirýän fiziki şahs bellige alynmagy üçin şulary berýär:

1) bellenen görnüşinde düzülen, fiziki şahsy ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahs - hususy telekeçi hökmünde bellige almak hakynda arzanyň 1 nusgasyny;

2) pasportyň nusgasy (ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasy);

3) 3 sany 3x4 sm. ölçegdäki suraty.

Salgyt edaralary tarapyndan bellige alynýan mahaly şu bölekde agzalan resminamalardan başga resminamalary talap etmäge ýol berilmeýär.

Arza beriji berlen maglumatlaryň dogrulygyna jogapkärçilik çekýär.

8. Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamasy bolan daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar (şu Tertibiň dokuzynjy böleginde görkezilen adamlardan başga) şu Tertibiň ýedinji böleginde görkezilen resminamalar bilen bilelikde şulary hem berýärler:

1) migrasiýa gullugynyň edaralarynda hasaba alnandygyny tassyklaýan resminamany;

2) daşary ýurtly raýatyň dahyllysy bolan ýurdunyň salgyt edarasynyň güwä geçen, şol raýatyň Türkmenistanyň çäginde girdeji almak bilen bagly işi amala aşyrmaklygy niýet edinýändigi ýa-da Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda görkezilen beýleki esaslarda salgyt töleýji bolup durýandygy barada Türkmenistanyň salgyt edarasyna habarnamasyny (raýatlygy bolmadyk adamlardan başga).

9. Bellenen tertipde Türkmenistanda bosgun diýlip ykrar edilen adamlar şu Tertibiň ýedinji böleginde görkezilen resminamalar bilen

bilelikde bosgun şahsyýetnamasynyň göçürme nusgasyny hem berýärler.

10. Bosgun statusynyň berilmegi hakynda towakga eden hem-de bosgun statusynyň berilmegi hakyndaky towakganamanyň hasaba alnandygy baradaky wagtlaýyn şahadatnama berlen adamlar, diňe bellenen tertipde Türkmenistanda bosgun diýlip ykrar edilenden soň hususy telekeçi hökmünde bellige alynmak üçin salgyt edarasyna ýüz tutup bilerler.

11. Nikadan geçen kämillik ýaşyna ýetmedik fiziki şahsy hususy telekeçi hökmünde bellige almak üçin şu Tertibiň ýedinji böleginde görkezilen resminamalar bilen bilelikde, nika baglaşylandygy hakynda şahadatnamasynyň bellenen tertipde tassyklanylan nusgasy berilýär.

12. Berlen arza barlanan mahaly salgyt edarasynyň işgäri arzada haýsydyr bir maglumatlaryň ýokdugyny anyklan ýagdaýynda, ol ýüz tutan şahsa şunuň netijesinde bellige alynmagyndan boýun gaçyrylmagynyň mümkindigini düşündürmek bilen, ýetmeýän maglumatlaryň berilmegini talap etmäge borçludyr. Salgyt edarasynyň arzany kabul edýän işgäri arza berijiniň öz beren maglumatlarynyň dogrulygyna jogapkärçilik çekýändigini hökmany tertipde düşündirmelidir.

## IV bap. Hususy telekeçi hökmünde bellige alynmagy

13. Bellige almaklyk hususy telekeçi hökmünde telekeçilik işi bilen meşgullanmaga isleg bildirýän fiziki şahsyň arza beren gününden başlap 3 (üç) iş güni möhletde geçirilýär. Arza fiziki şahslaryň arzalarynyň kabul edilmeginiň hasaba alynýan kitabynda bellige alynýar.

Fiziki şahslaryň arzalarynyň kabul edilmeginiň hasaba alynýan kitaby kagyz we elektron görnüşinde ýöredilýär.

Bellige almaklyk hususy telekeçi hakyndaky maglumatlary Türkmenistanyň hususy telekeçilerini döwlet tarapyndan bellige alyş sanawyna girizmek hem-de hususy telekeçi hökmünde döwlet belligine alnandygy baradaky şahadatnamany (mundan beýläk – şahadatnama) bermek amalyndan ybaratdyr.

14. Şahadatnama resmileşdirilip, onuň asyl nusgasy hususy telekeçä berilýär. Şahadatnamanyň göçürme nusgasy salgyt töleýjiniň bellige alnan ýerindäki salgyt edarasyndaky iş bukjasyna çatylýar.

15. Ýörite rugsatnamanyň, «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, telekeçilik işleriniň aýry-aýry görnüşleri boýunça ygtyýarnamanyň alynmagy talap edilýän halatlarynda hususy telekeçi bellige alnandan soň degişli rugsatnamany, ygtyýarnamany almalydyr.

Hususy telekeçi hökmünde bellige alnandan soň, hususy telekeçi salgyt töleýji hökmünde hem hasaba durmalydyr we bellenilen halatlarda işiň takyk görnüşlerini (harytlaryň we önümleriň, işleriň, hyzmatlaryň belli bir görnüşlerini öndürmek we ýerlemek) amala aşyrmak üçin laýyklyk sertifikatyny, rugsatnamalary we beýleki zerur resminamalary almalydyr, degişli şertnamany bellige aldyrmalydyr, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenen beýleki ähli talaplary berjaý etmelidir.

Hususy telekeçi hökmünde bellige almaklygy telekeçilik işiniň ol ýa-da beýleki takyk görnüşlerini amala aşyrmaga rugsat berýän ýagdaý diýip hasap edip bolmaýar.

16. Türkmenistanyň hususy telekeçilerini döwlet tarapyndan bellige alyş sanawy elektron we kagyz görnüşinde ýöredilýär.

Hususy telekeçileri döwlet tarapyndan bellige alyş sanawynda hususy telekeçileriň bellige alnandygy hakyndaky ýazgylardan başga şu aşakdaky beýleki bellige alyş maglumatlary ýazylýar:

1) şahadatnamanyň çalşyrylmagy baradaky;

2) gaýtadan bellige alnandygy hakyndaky;

3) telekeçilik işiniň bes edilendigi hakyndaky;

4) şahadatnamanyň öwezliginiň berilmegi barada;

5) we beýleki maglumatlar.

17. Hususy telekeçi tarapyndan şahadatnama salgyt we beýleki edaralaryň wezipeli adamlaryna Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen wezipeleri amala aşyranlarynda, olaryň talap etmegi boýunça, hususy telekeçiniň hyzmatlaryndan peýdalanýan sarp

edijileriň talap etmegi boýunça, şeýle hem Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan beýleki halatlarda görkezilýär.

18. Hususy telekeçi familiýasyny, adyny, atasynyň adyny, milletini we salgysyny (şäheriň, etrabyň çäklerinde) üýtgeden, şeýle hem pasportyny (ýa-da onuň ornuny tutýan resminamany) çalşyran ýa-da ýitirip, deregine pasport gaýtadan berlen halatlarynda, ol özüni hasaba alan salgyt edarasyna (ýa-da hususy telekeçiniň salgyt hasabynda durýan salgyt edarasyna) şahadatnama degişli üýtgetmeleriň girizilmegi hakyndaky arza bilen ýüz tutmalydyr.

Arzanyň ýanyna şu aşakdaky resminamalar goşulýar:

1) öň berlen şahadatnama;

2) 3 (üç) sany 3x4 sm. ölçegdäki surat;

3) üýtgetmeleriň girizilmeginiň zerurlygyny tassyklaýan resminamalaryň göçürme nusgalary.

Arza fiziki şahslaryň arzalarynyň kabul edilmeginiň hasaba alynýan kitabynda bellige alynýar. Arzada üýtgetme girizilmegi üçin esaslar görkezilmelidir. Arzada hususy telekeçiniň şahadatnamany tabşyrandygy hakynda bellik edilýär.

Şeýle halatlarda üýtgetmeleriň girizilmegi öň berlen şahadatnamany täze degişli üýtgetmeler girizilen şahadatnama çalşyrmak hem-de şol üýtgetmeleri Türkmenistanyň hususy telekeçilerini bellige alyş sanawyna girizmek arkaly amala aşyrylýar. Şunda hususy telekeçiniň Türkmenistanyň hususy telekeçilerini bellige alyş sanawyndaky öňki sanaw belgisi saklanyp galýar, şeýle hem öňki bellige alyş senesi görkezilýär.

19. Hususy telekeçiniň şahadatnamasy:

1) telekeçilik işlerini bes etmek hakynda hususy telekeçiniň arza beren pursatyndan başlap;

2) hususy telekeçini gurpsyz (batan) diýip ykrar etmek hakynda kazyýetiň çözgüdi çykarlandan soň;

3) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki halatlaryň ýüze çykan gününden başlap, 3 (üç) iş gününiň dowamynda gaýtarylyp berilmäge degişlidir.

20. Ýaşaýan ýeri başga şähere ýa-da etraba üýtgedilen

ýagdaýynda hususy telekeçi şahadatnamasyny täze şahadatnamany almak üçin arza bilen bilelikde, täze ýaşaýan ýerindäki salgyt edarasyna tabşyrýar.

Şunda hususy telekeçä Türkmenistanyň hususy telekeçilerini döwlet tarapyndan bellige alyş sanawynda täze sanaw belgisi berilýär. Hususy telekeçiniň täze ýaşaýan ýerindäki salgyt edarasy onuň öňki ýaşan ýerindäki salgyt edarasyny täze şahadatnamanyň berlendigi hakynda ýazmaça habardar edýär. Hususy telekeçiniň öňki ýaşaýan ýerindäki salgyt edarasy şeýle habarnamany alandan soň, ony Türkmenistanyň hususy telekeçilerini döwlet tarapyndan bellige alyş sanawyndan çykarýar.

21. Hususy telekeçi şahadatnamany ýitiren halatynda salgyt edarasy telekeçilik işini amala aşyrýan fiziki şahsyň arzasy boýunça şahadatnamanyň öwezligini berýär.

Arzanyň ýanyna ýitirilen şahadatnamanyň hakyky däldigi hakynda metbugat neşirlerinde (gazetlerde) habar çap edilendigini tassyklaýan resminama goşulýar.

## V bap. Bellige almakdan boýun gaçyrmak

22. Hususy telekeçi hökmünde bellige alynmaga ýüz tutan fiziki şahsy şu aşakdaky halatlarda bellige almakdan boýun gaçyrylyp bilner:

1) eger ol şu Tertibiň altynjy bölegine laýyklykda Türkmenistanyň raýatynyň ýaşaýan ýeri boýunça, daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar bolsa, bellenen tertipde hasaba alnan ýeri boýunça ýüz tutmaýan bolsa;

2) şu Tertipde görkezilen resminamalaryň düzüminiň we olarda beýan edilen maglumatlaryň Türkmenistanyň kanunçylygynyň hem-de şu Tertibiň talaplaryna laýyk gelmeýän beýleki halatlarynda.

23. Hususy telekeçi hökmünde bellige alynmagyndan boýun gaçyrylmagy hakyndaky habarnama salgyt edarasynyň ýolbaşçysynyň goly bilen, boýun gaçyrmagyň esasyny görkezip, ýazmaça görnüşde düzülýär.

Boýun gaçyrmak hakyndaky habamama bellige alynmagy hakyndaky resminamalaryň berlen gününden başlap, 3 (üç) iş gününiň dowamynda arza berijä gol çekdirilip gowşurylýar.

Hususy telekeçi hökmünde bellige alynmagyndan boýun gaçyrylmagy kazyýet tertibinde şikaýat edilip bilner.

## VI bap. Hususy telekeçiniň işiniň bes edilmegi

24. Şu halatlarda fiziki şahsyň hususy telekeçi hökmünde işi bes edilip bilner:

1) fiziki şahsyň hususy telekeçi hökmünde işini bes edýändigi hakynda arzasynyň esasynda;

2) hususy telekeçini gurpsyz (batan) diýip ykrar etmek hakynda kazyýediň çözgüdi çykarlanda ýa-da ol özüniň batandygyny yglan edende;

3) hususy telekeçiniň aradan çykmagy sebäpli;

4) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen beýleki halatlarda.

25. Hususy telekeçi salgyt edarasyna fiziki şahsyň hususy telekeçi hökmünde işini bes edýändigi hakyndaky arzany berende onuň şahadatnamasy arzanyň ýanyna goşulýar. Şunda şahadatnamada «Yatyryldy» diýen ýazgy ýazylýar, senesi görkezilýär, şeýle hem degişli salgyt edarasynyň ygtyýarly wezipeli adamsynyň goly we möhri goýulýar. Türkmenistanyň hususy telekeçileriniň döwlet tarapyndan bellige alyş sanawynyň «Bellige almak hereketiniň görnüşi» diýen sütüninde senesini görkezmek bilen, hususy telekeçiniň işiniň bes edilendigi hakynda ýazgy ýazylýar. Arza we şahadatnamanyň ýatyrylan nusgasy hususy telekeçiniň iş bukjasynda saklanylýar.

26. Fiziki şahsyň hususy telekeçi hökmünde bellige alynmagy, degişlilikde:

1) hususy telekeçiniň gurpsyz (batan) diýip ykrar etmek hakynda kazyýetiň çözgüdi çykarlandygy;

2) hususy telekeçi aradan çykandygy;

3) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen beýleki

ýagdaýlar ýüze çykandygy barada Salgyt edarasy degişli maglumatlary alan senesinden başlap 3 (üç) iş gününiň dowamynda hususy telekeçiniň bellige alynmagyny ýatyrýar.

27. Fiziki şahsy ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahs - hususy telekeçi hökmünde bellige almak hakynda arzanyň, Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamasy bolan daşary ýurt raýatlarynyň dahyllysy bolan ýurdunyň salgyt edarasynyň güwä geçen Türkmenistanyň salgyt edarasyna habarnamasynyň, fiziki şahslaryň arzalarynyň kabul edilmeginiň hasaba alynýan kitabynyň, hususy telekeçi hökmünde döwlet belligine alnandygy baradaky şahadatnamanyň, Türkmenistanyň hususy telekeçilerini döwlet tarapyndan bellige alyş sanawynyň we fiziki şahsyň hususy telekeçi hökmünde işini bes edýändigi hakynda arzanyň görnüşleri, şeýle-de iş zerurlygy boýunça döräp biljek beýleki görnüşleri Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan tassyklanylýar.